*Muhammet Durikow*

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞ BOÝUNÇA KONWENSIÝASY

# КОНВЕНЦИЯ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ ПО БОРЬБЕ С ОПУСТЫНИВАНИЕМ

AŞGABAT-2024

# BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ ÇÖLLEŞMÄGE GARŞY GÖREŞ BOÝUNÇA KONWENSIÝASY

# КОНВЕНЦИЯ ОРГАНИЗАЦИИ ОБЪЕДИНЕННЫХ НАЦИЙ ПО БОРЬБЕ С ОПУСТЫНИВАНИЕМ

AŞGABAT-2024



TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTI
SERDAR BERDIMUHAMEDOW



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET TUGRASY**



**TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET BAÝDAGY**

## TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET SENASY

Janym gurban saňa, erkana ýurdum,
Mert pederleň ruhy bardyr köňülde.
Bitarap, Garaşsyz topragyň nurdur,
Baýdagyň belentdir dünýäň öňünde.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym.
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

Gardaşdyr tireler, amandyr iller,
Owal-ahyr birdir biziň ganymyz.
Harasatlar almaz, syndyrmaz siller,
Nesiller döş gerip gorar şanymyz.

*Gaýtalama:*
Halkyň guran Baky beýik binasy,
Berkarar döwletim, jigerim-janym,
Başlaryň täji sen, diller senasy,
Dünýä dursun, sen dur, Türkmenistanym!

## 1. GIRIŞ

Dünýä derejesinde ähli ekologiki meseleleriň arasynda çölleşme hadysasy aýratyn orny eýeleýär. Çölleşme – bu fiziki-geografiki hadysalaryň we adamyň alyp barýan işleriniň täsiriniň jemi bolmak bilen gurak (arid) ekoulgamlaryň bozulmagyna, organiki ýaşaýşyň ähli görnüşleriniň zaýalanmagyna getirýär. Haçan-da adamyň alyp barýan işleriniň gurak ýerlere edýän täsiriniň derejesi we tizligi tebigy landşaftyň öz-özüni dikeltmek ukybyndan ýokary bolsa, onda şol ýagdaýda çölleşme hadysasy başlanýar.

Dünýä derejesinde çölleşmäge garşy göreş meselesine ilkinji gezek BMG-niň 1977-nji ýylda Naýrobi şäherinde geçirilen Konferensiýasynda seredildi. Hut şol Konferensiýa, onuň dowamynda kabul edilen Çölleşmäge garşy göreş hereketleriniň meýilnamasyna baha bermekde we ony takyk ýerine ýetirmekde kesgitleýji çäre boldy.

1992-nji ýylda Daşky gurşaw we ösüş boýunça Rio-de-Žaneýro şäherinde geçirilen halkara Konferensiýa ösüp barýan ýurtlaryň Çölleşmäge garşy göreş boýunça Halkara Konwensiýanyň taýýarlanmagynyň zerurly hakyndaky teklibini kabul etdi. Eýýäm 1992-nji ýylyň dekabrynda, BMG-niň Baş Assambleýasy Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýany işläp taýýarlamak barada gepleşikleri geçirmek üçin, merkezi Ženewada ýerleşýän Hökümetara komiteti döretdi.

Ençeme halkara, sebit we milli guramalaryň, edaralaryň, alymlaryň we hünärmenleriň tagallalarynyň netijesinde BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasy taýýarlanyldy we 1994-nji ýylyň 17-nji iýunynda Pariž şäherinde kabul edildi hem-de oňa gol çekmek dabarasy açyldy. 17-nji iýun Çölleşmäge garşy göreşmegiň bütindünýä güni diýlip yglan edildi.

Garaşsyz Türkmenistan, ekologik meselelere aýratyn ähmiýet berip, häzirki hem geljekki nesilleriň bähbidi üçin ekologiýa howpsuzlygyny gazanmakda özüniň hyjuwlylygyny aňladyp, ilkinji ýurtlaryň hatarynda BMG-niň Çölleşmäge garşy

göreş boýunça konwensiýasyna goşuldy we 1996-njy ýylyň 18-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Mejlisi ony tassyklady. Şol ýylyň özünde hem Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň konsepsiýasyny we baş ugurlaryny işläp taýýarlamak baradaky Hökümet topary döredildi. Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň milli maksatnamasyny (ÇGGHMM) işläp taýýarlamak jogapkärçiligi Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Çöller institutyna tabşyryldy (häzirki wagtda Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty).

Şeýlelikde, Türkmenistanyň ÇGGHMM-y 1997-nji ýylda taýýarlanyldy we Milli konferensiýada ara alnyp maslahatlaşyldy. Şol bir ýylda hem Maksatnama Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň konsepsiýasyny we baş ugurlaryny işläp taýýarlamak baradaky Hökümet topary tarapyndan seredildi. 1999-njy ýylyň mart aýynda Türkmenistanyň BMG-niň daşky gurşaw boýunça konwensiýalaryndan we maksatnamalaryndan gelip çykýan borçnamalarynyň ýerine ýerştirilmegini üpjün etmek boýunça Döwlet topary döredildi.

## 2. UMUMY DÜZGÜNLER

### 2.1. Konwensiýanyň maksady

Ýer planetasy – biziň umumy öýümizdir, onda aýratyn alnan bir ýurduň tutuş adamzadyň ösüşine garaşsyz özbaşdak ösmegi mümkin däldir. Biologik maddalaryň gelýän akymynyň we olaryň dargamagynyň arasyndaky gatnaşygyň bozulmagy adamzadyň tebigy resurslary olaryň mümkin bolan kadasyndan 10 esse köp harçlamagyna getirdi.

Ekologik geňagramlylygyň bozulmagynyň ilkinji we has aýdyň görkezijisi – çölleşme hadysasynyň görlüp-eşidilmedik derejede ösmegidir we biologik dürlüligiň ýitirilmegidir. Şu günki döwüre çenli Ýeriň toprak örtüginiň 1/3 bölegi ýitirildi, tokaýlaryň 2/3 bölegi çapyldy, sähralar landşaftyň görnüşi hökmünde ýitip barýar.



Gurak (arid) zolakda ýerleşen işlendik döwlet üçin ýer, suw, öri meýdan we mineral–çig mal baýlyklaryny ulanmaga örän oýlanyşykly we seresap çemeleşmegiň zerurlygy hemmelere mälimdir. Sebäbi, bu ugurda paýhassyzlyk bilen edilen her bir ädim çölleşme hadysasynyň ýaýramagyna ýardam edip biler, bu bolsa ahyr soňunda tebigy-baýlyk mümkinçilikleriň ýitirilmegine ýa-da azalmagyna getirer.

Konwensiýanyň esasy maksady – adamyň hojalyk işi netijesinde döreýän çölleşme hadysasynyň öňüni almak hem ony togtatmak we amala aşyrylyp bilinjek ýerlerde ekologik mümkinçilikleriň çäklerinde zaýalanan ýerleriň biologik önümliligini dikeltmekdir. Bu maksada ýetmek üçin adamlaryň ýaşaýyş derejesini ýokarlandyrmak maksady bilen çölleşme hadysasyna sezewar bolan sebitler üçin ýerleriň önümliligini ýokarlandyrmaga, ýer we suw baýlyklaryny dikeltmäge, gorap saklamaga hemde durnukly we rejeli peýdalanmaga gönükdirilen uzak möhletli köpugurly strategiýa zerurdyr.

### 2.2. Konwensiýanyň wezipeleri.

Çölleşmäge garşy göreş baradaky Konwensiýanyň çäklerinde şu aşakdaky meseleleri çözmek zerurdyr:

- Çölleşmäge garşy göreş hereketleriniň milli maksatnamasyny işläp taýýarlamak;
- çölleşme hadysalaryna gözegçiligiň (monitoringiň) milli ulgamyny döretmek;
- suw we ýer baýlyklaryndan rejeli peýdalanmak;
- öri meýdanlaryny gowulandyrmak we rejeli peýdalanmak;
- tokaýlary gorap saklamak we dikeltmek;
- süýşýän çägeleri berkitmek we tokaýlaşdyrmak;
- biologik dürlüligi gorap saklamak;
- tegigaty goramak hakynda kanunçylygy kämilleşdirmek;
- ekologik bilim bermek we ilaty çölleşmäge garşy göreş hereketine çekmek;
- halkara hyzmatdaşlygy alyp barmak;



- ileri tutulýan ugurlar boýunça ylmy-barlag işlerini ýerine ýetirmek.

**2.3. Ulanylýan adalgalar:**

*"çölleşme"* – dürli sebäpleriň täsiri bilen, şol sanda klimatyň üýtgemeginiň we adamyň hojalyk işleriniň netijesinde guraklaşan, ýarym guraklaşan we gurak subgumid (çyglylygy pes) zolaklarda ýerleriň zaýalanmagyny aňladýar;

*"çölleşmäge garşy göreş"* – durnukly ösüşiň bähbitleri üçin guraklaşan, ýarym guraklaşan we gurak subgumid zolaklarda ýer baýlyklaryny köptaraplaýyn ösdürmegiň bir bölegi bolan hem-de aşakdakylara gönükdirilen işleri öz içine alýar:

- ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak ýa-da möçberini azaltmak;
- bölekleýin zaýalanan ýerleri we çölleşmeden zyýan çeken ýerleri dikeltmek.

*"ýerleriň zaýalanmagy"* – guraklaşan, ýarym guraklaşan we gurak subgumid zolaklarda tebigy hadysalaryň we adamyň işiniň täsiri netijesinde sürümli düme we suwarymly ýerleriň ýa-da öri meýdanlarynyň, tokaýlaryň biologiki we ykdysady önümliliginiň hem-de çylşyrymly düzüminiň peselmegini ýa-da ýitirilmegini aňladýar;

*"guraklaşan, ýarym guraklaşan we gurak subgumid zolaklar"* – Ýer togalagynyň demirgazyk we günorta çetlerindäki etraplardan başga, ygallaryň her ýyldaky ortaça derejesiniň bolup biläýjek jeminiň bugaryşa bolan gatnaşygy 0,05-den 0,65-e çenli bolan sebitleri aňladýar.

**2.4. Konwensiýa gol çeken Tarap hökmünde Türkmenistanyň borçnamalary**

BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasyna gol çeken Taraplar Konwensiýanyň 4-nji we 5-nji maddalaryna laýyklykda milli hem sebit derejesinde bu resminamanyň esasy düzgünlerini berjaý etmek boýunça anyk borçnamalar alýarlar.

Konwensiýa gol çeken Tarap hökmünde Garaşsyz Türkmenistan aşakdaky borçnamalary öz üstüne alýar:

- ilkinji nobatda çölleşmäge garşy göreşe üns bermegi we öz şertlerine we mümkinçiliklerine laýyklykda serişdeleri bölüp bermegi;
- durnukly ösüşiň meýilnamalarynyň we strategiýalarynyň çäklerinde çölleşmäge garşy göreş strategiýasyny we öňe sürülýän ugurlary kesgitlemekligi;
- çölleşme hadysalarynyň ösmegine we ýaýramagyna alyp barýan sebäpleri we durmuş-ykdysady täsirleri aradan aýyrmak meselelerine aýratyn üns bermekligi;
- çölleşmäge garşy göreş boýunça çärelere jemgyýetçilik guramalaryň goldamagynda ýerli ilatyň habarlylygyny we gatnaşygyny üpjün etmeklige ýardam bermekligi;
- tebigaty goramak hakyndaky kanunçylygy, uzak möletli syýasaty we hereketleriň maksatnamasyny kämilleşdirmek arkaly oňaýly şertleri döretmekligi.

## 3. KONWENSIÝANYŇ TÜRKMENISTANDA ÝERINE ÝETIRILIŞI

Türkmenistanyň tutýan meýdany örän gowşak ekoulgamy bolan çöl zolagynda ýerleşip, bu ýerlerden peýdalanmakda islendik oýlanyşyksyz ädim düzedip bolmajak heläkçilikli netijelere getirmegi mümkindir. Şu sebäpli, Türkmenistan adamlaryň saglygyny goramak we jemgyýetiň durnukly ösüşini gazanmak üçin tebigaty goramak meselelerine iňňän möhüm ähmiýet berýär.

Tebigaty goramak we ondan aýawly peýdalanmak Türkmenistanyň döwlet syýasatynyň esasy ýörelgeleriniň biridir, ol önümçiligiň ähli pudaklarynyň işiniň esasyny düzýär hem-de durmuş-ykdysady we ekologiki meseleleriň ylmy taýdan delillendirilen utgaşygyny göz öňünde tutup, jemgyýetiň öňe sürülýän ekologiki bähbitlerini üpjün etmäge gönükdirilendir.

1997-nji ýylda işlenip taýýarlanylan Çölleşmäge garşy göreş hereketleriniň milli maksatnamasynyň esasy maksady bazar ykdysadyýetine geçiş döwründe Türkmenistanyň tebigy-ykdysady mümkinçilikleriniň ýagdaýyny kesgitlemekden we baha bermekden, çölleşme hadysalarynyň görkezijilerini (indikatorlaryny) we olaryň ösüş ugruny ýüze çykarmakdan, zaýalan landşaftlary dikeltmek we tebigy baýlyklardan peýdalanmak boýunça ekologiki ýörelgelere esaslanýan, ylmy taýdan delillendirilen, emma tygşytly tehnologiýalary işläp taýýarlamakdan ybaratdyr.

Bu Maksatnama uzak wagtyň dowamynda aýry-aýry wajyp taslamalar arkaly amala aşyryldy. Taslamalaryň ýerine ýetirilmegi BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş konwensiýasyny ýerine ýetirmekde Türkmenistanyň düýpli goşant goşmagyna ýardam etdi.

Geçen ýyllarda Konwensiýanyň esasy düzgünlerini ýerine ýetirmek boýunça ýurtda uly ähmiýetli işler amala aşyryldy. Ýer baýlyklaryny goramak babatda, şol sanda adam işiniň netijeleri we tebigy täsirler bilen baglanyşykly topraklaryň şorlaşmagyna garşy, öri meýdanlaryň zaýalanmagyna we ýerleriň çölleşmegine garşy,





topraklaryň ýel we suw eroziýasyna garşy göreşmek babatda esasy ugurlar kesgitlenildi.

Bu Maksatnama (1997 ý.) maliýe taýdan berkidilmänsoň, teklip beriji äheňde bolup, geçen döwürde öz wezipesini doly ýerine ýetirdi. Emma ýer baýlyklaryny durnukly dolandyrmak boýunça meseleleri geljekde çözmek üçin ýerden peýdalanyjylary çekmek bilen ähli esasy ministrlikleriň we edaralaryň netijeli, bilelikdäki hereketi we utgaşdyrylmagy esasynda has işjeň hereketleri amala aşyrmaly.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistanyň ykdysady ösüşiniň döwlet maksatnamalarynda düýpli üýtgemeler bolup geçdi, şunuň bilen baglylykda, Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň milli maksatnamasynyň täze, rejelenen görnüşini taýýarlamak zerurlygy ýüze çykdy.

Häzirki wagtda Türkmenistanda milli derejede milli strategiýalar we maksatnamalar, sol sanda Howanyň üýtgemegi barada

Türkmenistanyň milli strategiýasy (2030-njy ýyla çenli), Türkmenistanyň Milli tokaý maksatnamasy we ony ýerine ýetirmegiň Meýilnamasy (2021-2025 ýý.), Türkmenistanyň Milli Aral maksatnamasy (2021-2025 ýý.), Türkmenistany 2022–2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasy kabul edildi.

Milli strategiýalaryň, meýilnamalaryň we maksatnamalaryň esasy maksady ýurduň durnukly ösüşini, şol sanda onuň ykdysady, azyk, suw we ekologiýa düzüjilerini, BMG-niň ekologiki konwensiýalary boýunça kabul edilen halkara borçnamalaryň ýerine ýetirilmegini üpjün etmekden ybaratdyr.

Esasy döwlet maksatnamalarynda ýurduň daşky gurşawy goramak we ekologiýa howsuzlygyny üpjün etmek barada syýasaty aýan edilýär, daşky gurşawy goramak babatda esasy ugurlar we olaryň çözgütleri kesgitlenilýär, ýer baýlyklary bilen baglylykda bolsa aşakdaky wajyp meseleleri çözmekligiň zerurlygy, ýagny,



ýurduň suwarymly ýerleriniň we öri meýdanlarynyň jikme-jik häsiýetnamalaryny bermek bilen toprak we ýer baýlyklarynyň toplumlaýyn seljermesini geçirmekligiň, ýer baýlyklary boýunça maglumatlar bilen işlenilende Geografik-maglumatlar ulgamyny (GIS) giňişleýin ornaşdyrmagyň we peýdalanmagyň, topraklaryň şorlaşmagynyň, öri meýdanlaryň zaýalanmagynyň we ýerleriň çölleşmeginiň öňüni almak maksady bilen toplumlaýyn çäreleriň geçirilmeginiň zerurlygy nygtalýar.

Bu möhüm wezipelere laýyklykda, Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň milli maksatnamasynyň täze, rejelenen görnüşi geçirilmeli çäreleriň giň toplumyny, şol sanda kanunçylyk esaslaryny kämilleşdirmek, esasy ugurlary kesgitlemek, integrirlenen (toplumlaýyn) maliýe ulgamyny peýdalanmak, ýerden peýdalanyjylaryň arasynda ýer baýlyklaryny durnukly dolandyrmak boýunça öňde baryjy tejribeleri ýaýratmak we peýdalanmak ýaly çäreleri öz içine almalydyr. Täze Maksatnama tebigy öri meýdanlarynyň we suwarymly ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak, howanyň üýtgeýän şertlerinde tokaýlary dikeltmek boýunça maksatnamalaýyn resminama bolmalydyr hem-de çölleşmäge garşy göreş boýunça halkara maksatnamalar bilen sazlaşmalydyr.

Häzirki wagtda Milli maksatnamany täzelemegiň konsepsiýasy taýýarlanyldy, oňa laýyklykda Maksatnamanyň esasy düzüm bölekleri şulardan ybarat bolar, ýagny landşaftlaýyn çölleşme we ýerleriň zaýalanmagynyň aralyk ýagdaýyny gazanmagyň milli maksatlaryny kesgitlemek; guraklygyň öňüni almak we zyýanly täsirlerini peseltmek boýunça çäreler; çägeli we tozanly ýelleriň howply täsirlerini azaltmak boýunça çäreler; çölleşme we ýerleriň zaýalanmagy meseleler bilen baglylykda milli hukuk we institusional ýagdaýlary girizmek; üç Rio konwensiýalarynyň sinergizmi (özara baglanyşygy) we beýleki esasy ugurlar boýunça bölümler.

Çölleşme hadysasy biodürlüligiň ýitirilmegi bilen baglanyşyklydyr hem-de topraklaryň we ösümlik örtüginiň zaýalanmagyna getirip, klimatyň global üýtgemeginiň täsirini ýitileşdirýär. Çölleşmäge garşy göreşmek, biodürlüligi gorap saklamak

we klimatyň üýtgemeginiň täsirini azaltmak boýunça çäreler özara ýakyn baglanyşyklydyr. Şu sebäpli üç Rio konwensiýalarynyň (Çölleşmäge garşy göreş boýunça, Biologik dürlülik barada we Klimatyň üýtgemegi barada çarçuwaly konwensiýa) sinergizmi Milli maksatnamanyň esasy bölümleriniň biri bolar.

Çölleşmäge garşy göreş boýunça hereketleriň milli maksatnamasynyň täze, rejelenen görnüşini taýýarlamak we ony ýerine ýetirmek maksady bilen Türkmenistan Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýanyň Sekretariaty, BMG-niň Azyk we oba hojalyk guramasy, BMG-niň Ösüş maksatnamasy, Germaniýanyň halkara hyzmatdaşlyk boýunça jemgyýeti, Merkezi Aziýanyň Sebitleýin ekologiýa merkezi, Araly halas etmegiň halkara gaznasynyň Ýerine ýetiriji komiteti hem-de Durnukly ösüş boýunça döwletara topary bilen hyzmatdaşlyk alyp barýar.



## 1. ВВЕДЕНИЕ

Среди глобальных экологических проблем опустынивание занимает особое место. Опустынивание – это совокупность физико–географических и антропогенных процессов, приводящих к разрушению аридных экосистем, деградации всех форм органической жизни. Процессы опустынивания начинаются, когда степень и скорость антропогенного воздействия на аридные территории превышают способность ландшафтов к самовосстановлению.

Проблема борьбы с опустыниванием на глобальном уровне впервые рассмотрена Конференцией ООН, состоявшейся в Найроби в 1977 г. Именно эта конференция явилась определяющей для ретроспективной оценки и конкретной реализации принятого на ней Всемирного плана действий по борьбе с опустыниванием.

В 1992 г. Международная Конференция по окружающей среде и развитию в Рио-де-Жанейро приняла предложение развивающихся стран о необходимости подготовки Международной Конвенции по борьбе с опустыниванием. Уже в декабре 1992 года Генеральная Ассамблея ООН создала Межправительственный комитет по ведению переговоров для разработки конвенции по борьбе с опустыниванием со штаб-квартирой в Женеве.

В результате общих усилий многих международных, региональных и национальных организаций, учреждений, уче-ных и специалистов была подготовлена Конвенция ООН по борьбе с опустыниванием (КБО ООН), которая была принята в Париже 17 июня 1994 г. и открыта церемония ее подписания. Этот день – 17 июня – провозглашен Всемирным днем борьбы с опустыниванием.

Независимый Туркменистан, придавая особое значение эколого-экономическим проблемам и выражая свою решимость участвовать в достижении экологической безопаснос-

ти в интересах нынешнего и будущих поколений, в числе первых, 27 марта 1995 г. присоединился к Конвенции ООН по борьбе с опустыниванием и 18 сентября 1996 г. Меджлис Туркменистана ратифицировал ее. В том же году была создана Правительственная Комиссия по разработке концепции и стратегии действий по борьбе с опустыниванием. Ответственность за разработку Национальной программы действий по борьбе с опустыниванием (НПДБО) была возложена на Институт пустынь Академии наук Туркменистана (в настоящее время Национальный институт пустынь, растительного и животного мира Министерства охраны окружающей среды Туркменистана).

Таким образом, в 1997 г. была разработана НПДБО Туркменистана и обсуждена на Национальной конференции.

В том же году она рассмотрена Правительственной Комиссией по разработке концепции и стратегии действий по борьбе с опустыниванием. В марте 1999 г. образована Государственная комиссия по обеспечению выполнения обязательств Туркменистана, вытекающих из конвенций и программ ООН по охране окружающей среды.

## 2. ОБЩИЕ ПОЛОЖЕНИЯ

### 2.1. Цель Конвенции

Планета Земля – наш общий дом, в котором не может быть автономного развития отдельно взятой страны независимо от развития человечества в целом. Нарушение соотношения между потоком поступающих биологических веществ и их разложением привело к тому, что человечество потребляет ресурсов в 10 раз больше допустимой нормы.

Первым и наиболее ярким показателем экологического дисбаланса является беспрецедентное развитие процессов опустынивания и потеря биологического разнообразия.





На сегодня 1/3 почвенного слоя Земли утеряно, леса на 2/3 вырублены, степи как тип ландшафта исчезают совсем.

Общеизвестно, для любой страны, расположенной в аридной зоне, требуется очень продуманно и осторожно относиться к использованию земельных, водных, пастбищных и минерально-сырьевых ресурсов, так как каждый неразумный шаг в этом направлении может способствовать развитию процессов опустынивания, что в конечном счете приведет к потере или к уменьшению природно-ресурсного потенциала.

Основная цель Конвенции – это предотвратить и остановить процесс антропогенного опустынивания и, там, где это возможно, восстановить биологическую продуктивность деградированных земель в пределах экологических возможностей. Для достижения этой цели необходима долгосрочная комплексная стратегия для затрагиваемых районов, направленная одновременно на повышение продуктивности земель, восстановление, сохранение и устойчивое и рациональное использование земельных и водных ресурсов в целях повышения уровня жизни людей.



## 2.2. Задачи Конвенции

В рамках КБО ООН необходимо решить следующие наиболее важные задачи:

- разработка Национальной программы действий по борьбе с опустыниванием;
- разработка национальной системы мониторинга процессов опустынивания;
- рациональное использование водных и земельных ресурсов;
- рациональное использование и улучшение пастбищ;
- сохранение и восстановление лесов;
- закрепление и облесение подвижных песков;
- сохранение биоразнообразия;
- совершенствование природоохранного законодательства;
- экологическое обучение и вовлечение населения в движение по борьбе с опустыниванием;
- международное сотрудничество;
- выполнение приоритетных научных исследований.



## 2.3. Используемые термины

«опустынивание» - означает деградацию земель в засушливых, полузасушливых и сухих субгумидных районах в результате действия различных факторов, включая изменение климата и деятельности человека;

*«борьба с опустыниванием»* - включает в себя деятельность, которая является частью комплексного развития земельных ресурсов в засушливых, полузасушливых и сухих субгумидных районах в интересах устойчивого развития, и которая направлена на:

- предотвращение и/или сокращение масштабов деградации земель;
- восстановление частично деградированных и пострадавших от опустынивания земель.

*«деградация земель»* - означает снижение или потерю биологической и экономической продуктивности и сложной структуры пахотных богарных и орошаемых пахотных земель или пастбищ, лесов в засушливых, полузасушливых, и сухих субгумидных районах в результате действия естественных процессов и антропогенных факторов;

*«засушливые, полузасушливые, и сухие субгумидные районы»* - означают районы, помимо полярных и субполярных районов, в которых отношение среднего ежегодного уровня осадков к потенциальной эвапотранспирации колеблется в диапазоне от 0,05 до 0,65.

## 2.4. Обязательства Туркменистана, как Стороны, подписавшей Конвенцию

Страны, подписавшие Конвенцию ООН по борьбе с опустыниванием согласно статьям 4 и 5, принимают конкретные обязательства по реализации основных положений этого документа на национальном и региональном уровнях.

Суверенный Туркменистан, как Сторона, подписавшая Конвенцию, обязуется:

- уделять первоочередное внимание борьбе с опустыниванием и выделять ресурсы с учетом своих обстоятельств и возможностей;
- разрабатывать стратегии и устанавливать приоритеты по борьбе с опустыниванием в рамках планов и стратегий устойчивого развития;
- уделять особое внимание вопросам устранения причин и социально-экономическим факторам, способствующим развитию процессов опустынивания;
- содействовать обеспечению осведомленности и участию местного населения, при поддержке общественных организаций, в мероприятиях по борьбе с опустыниванием.
- создавать благоприятную атмосферу, совершенствуя природоохранное законодательство, долгосрочную политику и программы действий.

## 3. РЕАЛИЗАЦИЯ КОНВЕНЦИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ

Территория Туркменистана находится в зоне пустынь с весьма хрупкой экосистемой, где любой неразумный шаг в использовании земель может вызвать необратимые катастрофические последствия. Поэтому Туркменистан придает исключительно важное значение вопросам охраны природы для сохранения здоровья людей и устойчивого развития общества.

Охрана и рациональное природопользование является одним из основополагающих принципов государственной политики Туркменистана, она лежит в основе деятельности всех отраслей производства и направлен на обеспечение приоритета экологических интересов общества с учетом научно обоснованного сочетания социально-экономических и экологических проблем.



Основной целью Национальной программы действий по борьбе с опустыниванием, разработанной в 1997 г. являлось определение и оценка состояния природно-экономического потенциала Туркменистана в условиях перехода к рыночным отношениям, выявление индикаторов процессов опустынивания и тенденций их развития, разработка наукоемких, но экономичных технологий по восстановлению нарушенных ландшафтов и использованию ресурсов природы, основанных на экологических принципах.

Программа осуществлялась в течение длительного времени через отдельные ключевые стартовые проекты, реализация которых позволили внести существенный вклад Туркменистана в выполнение Конвенции ООН по борьбе с опустыниванием.

За прошедшие годы в стране проделана значительная работа по выполнению основных положений Конвенции.



Определены приоритетные направления в области охраны земельных ресурсов, в числе которых борьба с засолением почв, связанных с антропогенными и природными факторами; борьба с деградацией пастбищ и опустыниванием территорий, борьба с ветровой и водной эрозией почв.

НПДБО (1997) на первом этапе полностью выполнила свои функции, которые носили только рекомендательный характер, так как финансово не были подкреплены. Однако для дальнейшего решения проблем по устойчивому управлению земельными ресурсами необходимо предпринять более активные действия на основе эффективного взаимодействия и координации всех ключевых министерств и ведомств с привлечением землепользователей.

В годы Независимости произошли значительные изменения в государственных программах развития экономики Туркменистана и в связи с тем возникла необходимость в подготовке новой редакции Национальной программы действий по борьбе с опустыниванием.

В настоящее время в Туркменистане на национальном уровне приняты и успешно реализуются национальные стратегические и программные документы, в том числе: Национальная стратегия Туркменистана об изменении климата до 2030 года; Национальная лесная программа Туркменистана на 2021-2025 годы и План мероприятий по её реализации; Национальная Аральская программа Туркменистана на 2021-2025 годы; Национальная программа социально-экономического развития Туркменистана на 2022-2052 годы.

Целью национальных стратегий, планов и программ является обеспечение устойчивого развития страны, включая экономическую, продовольственную, водную и экологическую составляющие, своевременное выполнение принятых международных обязательств по экологическим конвенциям ООН.



В основных государственных программах нашла отражение политика страны по охране окружающей среды и обеспечению экологической безопасности, определены приоритеты в области охраны окружающей среды и их решения, относительно земельных ресурсов указывается необходимость решения следующих важных задач: проведение комплексной инвентаризации почвенных и земельных ресурсов с детальной характеристикой орошаемых земель и пастбищных угодий страны; повсеместное внедрение и использование ГИС технологий при обработке данных по земельным ресурсам; осуществление комплекса мероприятий в целях предотвращения засоления почв, деградации пастбищ и опустынивания территорий.

В соответствии с этими важными задачами, новая редакция НПДБО должна включать в себя широкий комплекс мероприятий, включая совершенствование законодательной базы, определение приоритетных направлений, использование интегрированной финансовой системы, распространение и использование наилучших практик по УУЗР среди землепользователей. НПДБО должна стать программным документом по предотвращению деградации природных пастбищ и орошаемых земель, лесовосстановлению в условиях изменения климата и гармонизировать с международными программами по борьбе с опустыниванием.

В настоящее время подготовлена концепция обновления НПД, согласно которой основными ее компонентами будут – ландшафтное опустынивание и определение национальных целей нейтрального баланса деградации земель (НБДЗ); меры по предупреждению и смягчению последствий засух; меры по снижению рисков песчаных и пыльных бурь; национальная правовая и институциональная среда в отношении проблем опустынивания и деградации земель; синергизм трех Рио конвенций и др. компоненты по приоритетным направлениям.

Опустынивание связано с потерей биоразнообразия и усугубляет последствия глобального изменения климата, вызывая потери почв и растительности. Природоохранные меры по борьбе с опустыниванием, сохранению биоразнообразия и смягчению последствий изменения климата тесно связаны между собой. Поэтому, синергизм трех Рио конвенций (Конвенция по борьбе с опустыниванием, Конвенция о биологическом разнообразии и Рамочная конвенция об изменении климата) будет одним из основных компонентов НПДБО.

В целях разработки новой НПДБО и ее реализации Туркменистан тесно сотрудничает с Секретариатом КБО ООН, Продовольственной и сельскохозяйственной организацией ООН, Программой развития ООН, Германским обществом по международному сотрудничеству, Региональным экологическим центром Центральной Азии, Исполнительным комитетом и Межгосударственной комиссией по устойчивому развитию Международного фонда спасения Арала.



# MAZMUNY

**1. GIRIŞ........................................................................................7**

**2. UMUMY DÜZGÜNLER.......................................................................8**

**3. KONWENSIÝANYŇ TÜRKMENISTANDA ÝERINE ÝETIRILIŞI...............................................................12**

# СОДЕРЖАНИЕ

**1. ВВЕДЕНИЕ.......................................................................17**

**2. ОБЩИЕ ПОЛОЖЕНИЯ....................................................18**

**3. РЕАЛИЗАЦИЯ КОНВЕНЦИИ В ТУРКМЕНИСТАНЕ..22**

Food and Agriculture Organization of the United Nations

**Düzüji:**
***Muhammet Durikow,*** biologiýa ylymlarynyň kandidaty, BMG-niň Çölleşmäge garşy göreş boýunça konwensiýasynyň milli utgaşdyryjysy

Kitapça BMG-niň Azyk we oba hojalygy guramasy (FAO) bilen AHEHG DÖDK-niň Ylmy-maglumatlar merkeziniň bilelikde ýerine ýetirýän «Gurakçylygyň güýçlenýän şertlerinde Merkezi Garagumuň zaýalanan öri meýdanlaryny dikeltmegiň we durnukly dolandyrmagyň toplumlaýyn meýilnamasy» atly taslamasynyň ýardam bermegi bilen çap edildi.

**Составитель:**
***Мухаммет Дуриков,*** кандидат биологических наук,
Национальный координатор Конвенции ООН
по борьбе с опустыниванием

Брошюра выпущена при поддержке совместного проекта Продовольственной и сельскохозяйственной организации ООН (FAO) и Научно-информационного центра МКУР МФСА «Комплексный план восстановления деградированных пустынных пастбищ Центральных Каракумов и их устойчивого управления в условиях усиления засухи».

